## 1397 S. U. Babaýewa «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmak hakynda

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşandygy, ilatymyzyň saglygyny goramakda bitiren uly hyzmatlary, ýokary hünär ussatlygy hem-de köp ýyllaryň dowamynda çeken ak ýürekli, halal zähmeti üçin, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň Halkara iç keselleri merkeziniň Dikeldiş-sagaldyş bölüminiň müdiri **Sähragül Umraimdurdyýewna Babaýewa** «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 18-i.*
*№ PP-5818*

* * *

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

## 1398 S. M. Burunowa «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmak hakynda

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşandygy, tejribeli lukmanlary taýýarlamakda bitiren uly hyzmatlary, ýokary hünär ussatlygy hem-de köp ýyllaryň dowamynda çeken ak ýürekli, halal zähmeti üçin, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasynyň müdiri **Sülgün Meredowna Burunowa** «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 18-i.*
*№ PP-5819*





## 1399 Pak Sang Uny Türkmenistanyň «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni bilen sylaglamak hakynda

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde saglygy goraýşy hem-de lukmançylyk ylmyny ösdürmäge mynasyp goşant goşandygy, Türkmenistan bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda özara bähbitli gatnaşyklary berkitmekde bitiren uly hyzmatlary üçin, doktor **Pak Sang Uny** Türkmenistanyň «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni bilen sylaglamaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 19-y.*
*№ PP-5820*

* * *

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

## 1400 M. B. Orazow hakynda

Türkmenistanyň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky (Waşington şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi **Meret Baýramowiç Orazowy** şol bir wagtda Türkmenistanyň Meksikanyň Birleşen Ştatlaryndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 22-si.*
*№ PP-5821*